# Mäleýämi? / satiriki hekaýa

Category: Hekaýalar,Kitapcy,Satiriki hekaýalar
написано kitapcy | 23 января, 2025
Mäleýämi? / satiriki hekaýa MÄLEÝÄMI?

Günorta naharyna gelenimem şoldy, ikinji klasda okaýan oglumy göterip getirdiler. Ýüz-gözünde reňk-pet ýok.
– Däde, içimden bir zat tutup, alyp barýa – diýip, çaga galyp bilmän otyr.
Oglumy maşyna mündürdim-de, eňdim poliklinika. Wraçyň kabinetiniň agzynyň nobaty uly eken. Oglumyň ýagdaýyny aýdyp, kabinete binonat girdim. Görsem, ýüzüniň gany damaýyn diýip duran semiz pyýada bir zatlar ýazyp dur. Ol başyny galdyrandyram, bar zady bolşy ýaly gürrüň berdim. Wraç birraz dymyp durdy-da:
– Mäleýämi? – diýdi.
– Dogtor, oýun etmeseňizläň, oglum mälänok, aglaýa – diýdim.
– Mälemeýän bolsa, onda entek howsala düşer ýaly zat ýok. Baryň gaýdyň. Mälän wagty gelersiňiz.
Kabineti boşatmaly boldum. Daş çykanymdan soň, oglum ýene buruljyrap başlady. Ol iki bükülip, böwrüni tutup durşuna:
– Däde, bolmasa mäläýeýin-le – diýdi.
– Şeýlemi, mäle oň ýaly bolsa – diýdim.
Oglum ysgynsynja mäledi.
– Hany, gatyrak mälesene.
Oglum gatyragam mäledi. Onsoň, elinden tutdum-da, wraçyň kabinetine kürsäp girdim.
– Siz güýçli wraç ekeniňiz. Asyl oglum daşary çykandan mäläberse nädersiň.
Wraçyň ýüzi ýagtylyp gitdi. Ol şelaýyn güldi-de:
– Dert güýçli bolsa, mälemän nätjek. Men muny köp ýyllyk iş tejribämden bilýän. Hany, şu ýere geç-de ýat, köşeş – diýdi.
Oglum onuň görkezen ýerine geçip ýatansoň, wraç onuň sag böwrüni elleşdiril gördi-de:
– Onda şeýle. Naprawleniýe bereýin welin, göni keselhana eňiň. Hirurgiýa bölümine baryň-da, ogluňyzyň mäleýändigini aýdyň.

Menem öýe eňeýin. Gyt dermanlardan alyp, derrew gelerin. Özümem üstünde bolmasam bolmaz. Ogluňyzy gyssagly operasiýa etmeli, ýogsa köriçegesi ýarylyp, heläk bolmagy ahmal. Hirurg sorasa, «mäleýä» diýmegi unutmaweriň – diýip, wraç ak ýektaýyny çykaryp, gyssanmaç geýinmäge durdy.
– Mäleýän dagy bolsa, derrew tut ýaly ederis – diýip, hirurg baranymyzdan işe girişdi. Onýança öýlerine derman getirmäge giden wraçam gelip ýetişdi.
Gepiň gysgasy, oglumyň operasiýasy şowly geçdi. Ynjalyp, öýe gaýtdym. Öýe gelenimem şoldy welin, goňşymyz Aşyrgeldi aga geldi. Men oňa bolan işi gürrüň berdim. Aşyrgeldi aga mys-mys güldi-de, ilkä:
– Gapyňda bir kel toklyňam-a ýok seniň – diýdi. Soňam: – Aý, başyň dik bolsa bor. Karz edersiň, kowal edersiň, taparsyň. Ogluň aman galypdyr, galany hiç – diýdi.
Men geň galyp:
– Goňşy, bi ne gep boldy, men näme üçin karz-kowal etmeli? – diýdim.
– Weý, şoňa-da düşüneňokmy! Olar ýöne ýere «Mäleýämi?» diýenoklar-a. Senem «Mäleýä» diýipsiň. Diýmek, gepleşildigi bolar-da. Sen indi olaryň hersine bir goýun bermeli bolarsyň.
– Baý-bow, asyl beýle diýsene. «Oglum mäleýä» diýemsoň, hossary köpeldi-le bolasy. Eger bermesem näder? – diýip, Aşyrgeldi agadan soradym.
– Bermeseňmi? Aý, bilmedim-dä. Ýöne, başyň agyryp, baldyryň syzlasa, barjak ýeriň ýene şo ýerdir.
– Olam-a şeýledir. Dogrudanam, karz-kowal etmeli bolar-da.

Annamämmet GÜNDOGDYÝEW. Satiriki hekaýalar